# Men saña şeýda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Men saña şeýda MEN SAÑA ŞEÝDA



Bendäñ erer men wallahy-billä,
Şamu säherler men saña şeýda,
Geldim gapyña, eý şyhy-lillä,
Gördüm ýüzüñni, älhamdulillä.
Gije we gündiz seni gözlär men,
Göçebe-göçebe seni yzlar men,
Her kim ýoluksa senden sözlär men,
Gördüm ýüzüñni, älhamdulillä.

Bir niçe günler men zary-efkar,
Boldum griftar men saña eý ýar,
Owwal ahyrda sen maña derkar,
Gördüm ýüzüñni, älhamdulillä.

Köp zary boldum saña ýetilmeý,
Bimaryñ oldum derman tapylmaý,
Gelip idim men takat etelmeý,
Gördüm ýüzüñni, älhamdulillä.

Geldim umytly seni göreý diýp,
Derdimge derman senden soraý diýp,
Ýandyrma näumyt janym bereý diýp,
Gördüm ýüzüñni, älhamdulillä.

Haýrat ýolunda halym harapdyr,
Hijran odyga bagrym kebapdyr,
Halymy sorasañ, bihet sogapdyr,
Gördüm ýüzüñni, älhamdulillä. Goşgular